# Alililer

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Alililer ALILILER

XIX asyryň çeşmelerinde ady agzalan ýene bir Türkmen taýpasynyň biri hem Alilidir. Abylgazy Bahadyrhanyň pikiriçe adyny Aly Çor (Aly Çur, jur) atly begden alyp gaýdypdyr. Başga bir maglumatlara görä Alili taýpasy Aly Çor we onuň kiçi jigsi Ärsary begiň neslinden gelipdirler. Bular hem Salyrlaryň arasynda tanalan begleriň biri bolupdyr [Abylgazy B. Şejereýi teräkime, »Türkmenleriň nesil daragty» 93]. H. Ýusupowyň pikiriçe Alili diýip atlandyrylan bu Türkmen taýpasy Eýran mezhebi bolan, ýagny Şyga mezhebine degişli bolup, asyl atlary Aly ili. H. Ýusupow Alileri Hezreti Alyny ideologik aýgyt hökmünde özlerine şygar edinen Alawy, Şyga ýaly kiçi toparlaryň Orta Aziýa erş-argaç bolup gelmekleri şol sebäplidir [H. Ýusupow. Priuzboýskoýe Turkmenskiýe Plemena w XIV-XV w.w. Aşhabad 1975.79] Taryhy makalalar